# Düşünmezlik

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Düşünmezlik DÜŞÜNMEZLIK




Ýa-ha men okyjy – pes düşünjeli,
Ýa kä şahyr – syrdan dolan goşguçy.
Many bardyr weli oň ak şygrynda,
Almadym lezzeti, petikli içi.
Pikir aýlowlygam bolýandyr, bu hak,
Ýöne aýlowyň-da çen-çaky ýagşy.
Tümlük saýgartmaýar gijemi, gündiz,
Az-kem bilinmese Aý-Günüň dogşy.

Sadalygy baýdak edinen şahyr,
Diýen: “Sadalykdan zyýan çeken ýok”.
Gökde “taraşlap şagladylan” köňle,
Ýerdäki sadalar düşüp baranok.

Ýa-ha men okyjy – galkynman galan,
Ýa kä şahyryň öte galkynşy çyn.
Biz ýalaklar üçin ýazmaýan borly!
Ýazýan bolaýmasyn bilgiçler üçin?!

2022 ý. Goşgular